# Täze dogulan çaga edilmeli sünnetler.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salawat we salam bolsun.

Dinimiz yslam maşgala gurmaga we bu maşgalanyñ Allah razylygynyñ üstüne bina edilmegine uly ähmiýet berendir. Musulman maşgaladan umyt edilýän iñ uly miwe bolsa ymmata, dinimiz yslama, watana wepaly bolup hyzmat etjek päk nesiliñ ýetişmegidir. Bu bolsa çaga terbiýesinde Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) terbiýe metodyna eýermek bilen mümkin bolar. Diñe şonda gowy ahlakly we haramdan uzak, özünde iñ gowy wasyplary jemlän päk nesil ýetişer. Çaga ene-atasyna Allah tarapyndan berlen amanatdyr we kyýamat güni Allah Tagala bizi çagalarymyz hakynda hasaba çekjekdir. Allah Tagala aýatda: **“Eý iman edenler! Özüñizi we maşgalañyzy ýangyjy ynsanlardan we daşlardan ybarat bolan jähennem odyndan gorañ”** diýýär. (Tahrim 66/6)

Başymyzyñ täçi Pygamberimiz Muhammed (sallallahu aleýhi we sellem) bize maşgalamyz hakynda:**“Her biriñiz çopansyñyz we eliñizdäkilerden jogapkärsiñiz. Erkek kişi öýüñ çopanydyr we elindäkilerden jogapkärdir. Zenan hem ýoldaşynyñ öýünde çopandyr we elindäkilerden jogapkärdir.”** (Buhari / 2554, Muslim /1829)

Başga hadysda şeýle diýendir: **“Çagañ seniñ boýnuñda haky bardyr.”** (Muslim)

Bu barada Kuran we Sahyh hadyslarda köp nesihatlar gelendir. Makalamyzyñ bu sanynda çaga dünýä inende ilkinj edilmeli sünnetleri okyjylarymyza ýetirmegi makul gördük. Aşakda aýdyljak sünnetleriñ käbiri Türkmenleriñ içinde unudylan we halk köpçüligi tarapyndan bilinmeýän sünnetlerdendir. Bu sünnetlere günümizde amal etjek kişiler, inşAllah iki sogap gazanjakdyr. Biri sünnete amal edeni üçin, ikinjisi Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) unudylan sünnetini direldeni üçindir. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): **“Kim meniñ sünnetimi direltse, meni söýdügidir. Meni söýen, meniñ bilen jennetde bile bolar”** diýýär. (Tirmizi, Ylym/16)

Allah Tagaladan ähli musulmanlara salyh perzent nesip etmegini dileýäris.

1- Täze bolan çagañ gulagyna azan aýtmak:

Ebi Rafiden (radiallahu anh) rowaýat edilýär, ol şeýle diýýär: **“Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) agtygy Hasan (radiallahu anh) dogulanda, onuñ gulagyna azan aýdanyny gördim.”** (Ebu Dawud / Kitabul-Edeb/ 5105)

Ibn-i Kaýýim (rahimehullah) çagañ gulagyna azan aýtmak barada şeýle diýýär:**“Şübhesiz azan Allah Tagalnyñ beýikligini añladýan sözleri, Yslam girilende aýdylýan Kelimeýi Töwhidi içine alýandyr. Çagañ gulagyna azan aýtmak bilen, bu beýik sözleri eşidip dünýä gözlerini açmagyny maksat edilýändir. Çaga bu sözlere düşünmesede, azanyñ çagañ kalbyna edýän täsiri inkär edilmeýän hakykatdyr.”** (Tuhfetu-l Mewdud, 39)

2- Täze bolan çaga doga-dileg we tahnik etmek:

Esma binti Ebu Bekr (radiallahu anhuma) aýdýar:**“Mekkede Abdullah Ibnu Zubeýre göwrelidim. Dogrum wagty ýakynlanda Mekkeden Medinä geldim. Kuba gelemde Abdullah dünýä indi. Bäbek dogulandan soñra ony Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna äkitdim. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) hurma getirmegimizi buýurdy, hurmany agzynda çeýnäp ezenden soñra ony bäbegiñ agzyna saldy. Abdullahyñ içine giden ilkinji zat Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) agyz suwy boldy. Soñra agyzynda ezen hurmasy bilen bäbegiñ agzyny owalady, bereketli bolmagy üçin doga-dileg etdi we Abdullah diýip at dakdy. Medinä hijret edilenden soñra ilkinji dünýä gelen çaga Abdullahdy. Medinedäki hemme musulmanlar Onuñ dogulanyna gaty begendiler.....”** (Buhari/3909, Muslim /2146)

Ebu Musa (radiallahu anh) aýdýar:**“Oglum dogulanda derrew Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem)**

**ýanyna äkitdim. Bäbege Ybraýym diýip at dakdy we tahnik etdi. Soñra: Mübärek bolsun diýip doga-dileg etdi we çagany maña yzyna berdi.”** (Buhari / 6198, Muslim /2145)

Tahnik: Hurmany çeýnäp soñra onuñ bilen bäbegiñ agyzynyñ içini owalamak.

3-Çagañ saçynyñ syýrylmagy:

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) çaga dogulandan soñra ýedinji gününde saçynyñ syýrylmagyny we syýrylan saçyñ agyrlygynda kümüş sadaka berilmegini sünnet edendir.

Ali (radiallahu anhdan) rowaýat edilýär: **“Haçanda Hasan (radiallahu anh) dogulanda Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) akyka hököminde bir goýun gurban edýär we gyzy Fatma (radiallahu anha) Hasanyñ saçyny syýryp, saçyñ agyrlygyçya kümüş sadaka etmegini buýurýar.”** (Ebu Dawud)

Semura bin Jundup (radiallahu anhdan) rowaýat edilen hadysda, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär: **“.......akyka gurbany ýedinji gün kesiler we çagañ saçy syýrylyp, at dakylar.”** (Ebu Dawud / 2838, Tirmizi / 1522, Nesai /7/166, Ibn Mäje / 3165)

Jemgyýetimiziñ içinde bu barada ýalñyş yrymlaryñ biri çaga bir ýaşaýança saçynyñ syýrylman goýulmagy we syýrylaýanda-da daýysy tarapyndan syýrylmagy, çaga 40 gün bolýança suwa düşürilmezligi. Bular halkyñ içinde ýaýran Yslama ters we saglyga zyýan bolan zatlardyr. Ýedilenji güni çagañ saçynyñ syýrylyp kellesindäki hapa kesmeklerden we kirlerden tämizlenmegi sünnetdir.

Münawi (rahimahullah) “Feýdul-Kadir” atly kitabyñ düşündirişinde şeýle diýýär: **“Ibn Kaýýim (rahimehullah) ......saçyñ syýrylmagy bolsa kelläñ ýeñlemegi we saçyñ gür bolmagy üçündir”** diýýär.

4-Çaga owadan at dakmak:

Çaga owadan we manyly at dakmak ene-atañ çagañ öñündäki borjudyr. At dakylanda gowy saýlanmalydyr. Çünki ol çaga ömrüni ol at bilen geçirjekdir. Çaga at dakylanda erbet many añladýan ýa-da kapyrlaryñ atlaryny dakmak we çaga ulalanda şol at sebäpli utançagy at dakmaly däldir. Her bir musulman çagasyna at dakanda, adyñ näme many añladýanyna üns bermelidir. Yslama ters bolmaýan atlar saýlanmalydyr. Mysal üçin öwliýä guly, toýguly, pygamber guly ýaly Allahdan başga gulluk ýöñkelýän atlary, Bessir, Doýduk ýaly nä şükürlik añladýan atlary ýa-da sazak, çerkez, towşan ýaly ot-çöp, haýwan atlaryny dakmaly däldir. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) mundan ymmatyny gaýtarandyr. Hatda Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) erbet many añladýan atlary üýtgedip owadan we dürs atlar dakanlygy sahyh-hadyslarda geçýändir. Çaga at dakylanda Kuranda ady geçen Pygamberleriñ, Sahabalaryñ atlary ýaly salyh kişileriñ atlaryny we başgada Türkmen dilinde owadan, manyly we Yslama ters bolmaýan atlar saýlanmalydyr.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bu barada şeýle diýýär: **“Allahyñ gatynda siziñ atlaryñyzyñ iñ gowusy Abdullah we Abdurahmandyr.”** (Muslim / 2132) Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ogly bolanda Ybraýym diýip at dakandyr. (Buhari, 6194-6195)

Buhari we Muslimde sahabadan Ebu Musañ (radiallahu anh) şeýle diýeni rowaýat edilýär: **“Oglum bolanda Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna getirdim. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) oña Ybraýym diýip, at dakdy.”** (Buhari / 6198, Muslim / 2145)

Çaga ýedilenji güni at dakmak sünnetdir. Hadysda: **“.......akyka gurbany ýedinji gün kesiler we çagañ saçy syýrylyp, at dakylar”** diýilýär.

5-Täze dogulan çaga Akyka gurbanlygy etmek:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem täze bolan çagalara Akyka edilmegini ündändir.

Semure bin Jundup (radiallahu anh) şeýle rowaýat edýär, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Her bolan çaga Akykasyna baglydyr, ýedinji güni onuñ adyna gurban kesiler, saçy sýrylar we at dakylar. ”** (Ebu Dawud / 2838, Tirmizi / 1522, Nesai /7/166, Ibn Mäje / 3165)

Münawi (rahimehullah) “Feýdul-Kadir” atly kitabyñ şerhinde şeýle diýýär: **“Ibn Kaýýim (rahimehullah) akyka gurbanylygynyñ çagany şeýtanyñ dürtmeginden we şerinden goramak üçindigini, saçynyñ syýrylmagy bolsa kelläñ ýeñlemegi we saçyñ gür bolmagy üçindir”** diýýär.

Ümmi Kürz (radiallahu anh) Pygamberimizden (sallallahu aleýhi we sellem) Akyka barada sorady. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) oña: **“Erkek çaga üçin iki, gyz çaga üçin bir goýun kesiler. Goýunyñ goç ýa-da**

**urkaçy bolmagynyñ tapawudy ýokdur”** diýýär. (Tirmizi)

Gyz çaga üçin bir, erkek çaga üçin iki goýun gurbanlyk edilmegi hadyslara iñ laýyk bolanydyr. (Ibn Kaýýim, Zädul-Mead)

Allah Tagala bizi we neslimizi dogry ýoldan aýyrmasyn. Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salawat we salam bolsun.

www.ahlusunnet.com